Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTAN BU GÜN BEÝIK TARYHY DÖWRE GADAM BASYP, GURMAK WE DÖRETMEK ÝOLY BILEN ÖŇE BARÝAR.

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2025-nji ýylyň 23-nji apreli

№ 33 (10370)

ÇARŞENBE

# ÝURDUMYZDA NETIJELI IŞLER ALNYP BARYLÝAR



*21-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerinde alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.*

Iş maslahatynyň barşynda Ahal welaýatynyň häkimi T.Nurmyradow, Balkan welaýatynyň häkimi H.Aşyrmyradow, Daşoguz welaýatynyň häkimi D.Babaýew, Lebap welaýatynyň häkimi M.Annanepesow, Mary welaýatynyň häkimi B.Orazow welaýatlarda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdiler.

Bellenilişi ýaly, sebitlerde bugdaýyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek maksady bilen, şu günler ak ekin meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ösüş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Galla kabul ediş kärhanalaryny, elewatorlary, däne ýygýan kombaýnlary we beýleki tehnikalary möwsüme taýýarlamak boýunça degişli işler geçirilýär. Häzirki wagtda welaýatlarda gowaça ekişi dowam edip, bu jogapkärli möwsümi bellenen agrotehniki möhletlerde tamamlamak üçin zerur çäreler görülýär. Ekiş geçirilen ýerlerde gögeriş suwy tutulýar, gögeriş alnan meýdanlarda hatarara bejergi işleri alnyp barylýar. Ýazlyk ýeralma, gök-bakja ekinleri ekilen meýdanlarda ideg işleri ýerine ýetirilýär. Şeýle hem welaýatlarda pile öndürmek möwsümini üstünlikli tamamlamak babatda degişli çäreler görülýär. Mundan başga-da, häkimler her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde behişdi ahalteke bedewlerimiziň şanyna bellenilýän Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli welaýatlarda geçiriljek dabaraly çärelere taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdiler.

Döwlet Baştutanymyz hasabatlary diňläp, gowaça ekişini ýokary hilli geçirmek hem-de öz wagtynda tamamlamak, galla oragyna guramaçylykly taýýarlyk görmek üçin ähli zerur çäreleriň görülmelidigini belledi we bu babatda häkimlere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzyň oba hojalygy pudagynda dowam edýän möwsümleýin işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda welaýatlaryň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri alnyp barylýar. Sebitlerde gowaça ekişi guramaçylykly dowam edýär. Ekişde oba hojalyk tehnikalarynyň netijeli işledilmegine aýratyn üns berilýär. Ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwy tutulýar. Gögeriş alnan meýdanlarda hatarara bejergi işleri geçirilýär. Ýeralma, gök-bakja hem-de beýleki azyklyk oba hojalyk ekinlerine ideg işleri alnyp barylýar. Pile öndürmek boýunça bellenen meýilnamany üstünlikli ýerine ýetirmek hem-de ýurdumyzyň ýüpek kärhanalaryny çig mal bilen üpjün etmek maksady bilen, häzirki wagtda ýüpek gurçugyna ideg etmek işleri dowam edýär. Şeýle hem wise-premýer howanyň gyzmagy bilen baglylykda, ýurdumyzyň tokaý zolaklarynda, öri we ekin meýdanlarynda ýangynyň döremeginiň öňüni almak babatda görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, möwsümleýin işlerde agrotehniki kadalaryň berk berjaý edilmeginiň, bu işlerde kuwwatly, döwrebap tehnikalaryň doly güýjünde işledilmeginiň oba hojalyk önümçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmaga we ekinlerden bol hasyl almaga ýardam berýändigini belledi hem-de wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

## BERKARAR WATANYMYZYŇ BEÝIK ÖSÜŞLERI

***Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň asudalygyny, halkymyzyň agzybirligini, döwletimiziň sarsmaz binýadyny, jemgyýetimiziň mizemez jebisligini pugtalandyrmakda gazanylýan üstünlikler milli ykdysadyýetimiziň yzygiderli hem durnukly ösmegini üpjün edýär. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli ösdürilýän beýik işler ykdysadyýetiň sazlaşykly ösdürilmegi durnukly ykdysady ösüşiň hem-de ýokary durmuş ölçegleriniň üpjün edilmegi bilen berk baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelge esasynda gazanylýan üstünlikler öz beýanyny tapýar.***

Ýurdumyzda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy» üstünlikli durmuşa geçirilýär. Maksatnamada ykdysadyýetiň ähli ugurlary aýdyň beýan edilýär, möhüm maksatlar ýola goýulýar. Berkarar Watanymyzda gazanylýan uly üstünlikler, ýetilýän täze sepgitler hormatly Prezidentimiziň beýik işleriniň, durmuşa geçirilýän belent maksatlaryň rowaçlanýandygyny görkezýär. Gazanylan beýik ösüşler ýurdumyzyň aýdyň ýollardan barýandygyny we röwşen geljeginiň has-da ösüşlidigini dünýä aýan etdi.

2

## HEMIŞELIK BITARAPLYK — PARAHATÇYLYGYŇ ŞUGLASY

***Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen ýurdumyz ösüşlere beslenýär, her bir günümiz şanly wakalara utgaşyp gelýär. Ynha, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyna 30 ýyl dolýar. Bu şanly wakalar halkymyzyň parahatçylyk söýüjilik ýolunyň rowaçlanýandygyny, dünýäde belent ykrarnama eýe bolýandygyny aýdyň beýan edýär.***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly içeri we daşary syýasaty dünýäde uly goldawa eýe bolýar. Oňyn Bitaraplygy, parahatçylyk söýüjiligi, abadançylygy, hoşniýetli goňşuçylygy ýörelge edinýän Türkmenistan barha belent sepgitlere eýe bolýar. Bu günki gün ýurdumyzyň abraýmertebesi belende göterilýär. Muny ýurdumyzyň başlangyçlarynyň dünýäde uly goldaw tapýandygyndan hem görmek bolýar. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy bu gurama agza bolan 185 döwletiň goldamagynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» hakyndaky taryhy Kararnama kabul etdi. 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 193 döwletiň biragyzdan goldamagynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» ikinji gezek ykrar edildi. Ýakynda bolsa Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama üçünji gezek biragyzdan kabul edildi.

2

## ASYLLY MAKSATLAR ROWAÇLANÝAR

Hemişelik Bitarap Türkmenistan hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we netijeli halkara hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat strategiýasyny üstünlikli durmuşa geçirýär, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklary işjeň ösdürýär. Aziýa — Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlary, şol sanda Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine möhüm ähmiýet berýär. Ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklar uzak möhletleýin strategik häsiýete eýe bolup, deňhukuklylyk, özara hormat goýmak, ynanyşmak ýörelgeleri esasynda alnyp barylýar. Syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda gatnaşyklarymyz işjeň ösdürilýär. Türkmenistan Ýaponiýa bilen däp bolan ylym-bilim, medeni gatnaşyklary çuňlaşdyrmagy, ýokary okuw mekdepleriniň arasynda hyzmatdaşlygy giňeltmegi maksat edinýär.

Ýakynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Ýaponiýada saparda bolmagy, onuň çäklerinde döwlet Baştutanymyzyň Osaka şäherinde geçirilýän «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisinde Türkmenistanyň Milli güni mynasybetli dabaraly çärelere gatnaşmagy, şeýle hem ýokary derejedäki ikitaraplaýyn we işewürlik duşuşyklaryny geçirmegi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazylan waka boldy.

2

## HOŞNIÝETLI HYZMATDAŞLYGYŇ AÝDYŇ BEÝANY

***Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky netijeli hem-de dostlukly hyzmatdaşlyk barha berkeýär. Ýakynda hormatly Prezidentimiziň «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisinde Türkmenistanyň Milli güni mynasybetli dabaraly çärelere gatnaşmagy munuň şeýlediginiň aýdyň subutnamasy boldy.***

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Ýaponiýa iş sapary ýokary netijelere beslendi. Hormatly Prezidentimiziň Imperator Naruhito bilen duşuşygynda bilim ulgamynda ýola goýlan hyzmatdaşlygyň ähmiýeti bellenildi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyza Sukuba uniwersitetiniň hormatly doktory akademiki derejesiniň berilmegi buýsandyryjy wakalaryň biri boldy. Bu ajaýyp pursatlar ýurdumyzyň bilim syýasatyna, ylymda ýeten sepgitlerine, şol sanda hormatly Prezidentimiziň ylmy işleriniň netijesinde durmuşa ornaşdyrylan nusgalyk zähmetine Sukuba uniwersitetiniň goýýan mynasyp sarpasyny aýdyňlygy bilen görkezdi.

3

# WATAN DIŇE HALKY BILEN WATANDYR!



# TÜRKMENISTAN — GAZAGYSTAN: DOST-DOGANLYK GATNAŞYKLARY PUGTALANDYRYLÝAR

***21-nji aprelde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow dostlukly sapar bilen Gazagystan Respublikasyna ugrady. Paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinde Gahryman Arkadagymyzy ýurdumyzyň resmi adamlary ugratdylar.***

Türkmenistan oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasaty yzygiderli durmuşa geçirip, sebit we ählumumy derejede köpugurly hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi ugrunda çykyş edýär. Şunda Merkezi Aziýa döwletleri, şol sanda Gazagystan bilen däp bolan gatnaşyklar nusgalyk häsiýete eýedir. Sebitiň ýurtlarynyň halklary bilen türkmen halkyny medeni-ruhy gymmatlyklaryň umumylygy, taryhyň dowamynda emele gelen dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary baglanyşdyrýar.

Gazagystan Türkmenistanyň wagtyň synagyndan geçen möhüm hyzmatdaşydyr. Iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklar uzak möhletleýinlik, özara bähbitlilik ýörelgelerine laýyklykda ýola goýulýar. Ýurtlarymyz soňky ýyllarda döwletara gatnaşyklaryň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda ösdürilmegine uly ähmiýet berýär. Türkmenistan we Gazagystan ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek bilen, halklarymyzyň gadymdan gelýän doganlyk, birek-birege hormat goýmak, döwletlerimiziň parahatçylyk söýüjilik we ynsanperwerlik däplerine ygrarlylyk ýörelgelerinden ugur alýarlar.

...Birnäçe wagtdan soňra, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň uçary Türküstan şäheriniň iki ýurduň Döwlet baýdaklary bilen bezelen Hazret Sultan Halkara howa menziline gelip gondy. Haly ýodajygynyň iki tarapynda Hormat garawulynyň esgerleri nyzama düzülipdir. Bu ýerde belent mertebeli türkmen myhmanyny Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew we beýleki resmi adamlar mähirli garşyladylar.

Gazagystan Respublikasyna saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türküstan şäherindäki Hazret Sultan milli muzeý-goraghanasyna baryp gördi.

...Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň we Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň bilelikdäki awtoulag kerweni Hazret Sultan milli muzeý-goraghanasyna geldi. Bu ýerde Gahryman Arkadagymyz hem-de dostlukly ýurduň Baştutany mähirli garşylanyldy we Türküstan şäheriniň taryhy barada gürrüň berildi.

Türküstan Gazagystanyň günortasynda ýerleşýän iň gadymy şäherleriň biridir. Bu gadymy şäher alymlaryň, şahyrlardyr filosoflaryň mekany bolupdyr. Bu ýerde Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähi hem ýerleşýär. Türküstanyň medeni mirasy köpdürli we köptaraplydyr. Bu şäher öz däp-dessurlary, senetçilik sungaty bilen meşhurdyr. Ýerli senetçiler gadymdan gelýän tärlerdir usullar bilen dürli küýzegärlik, haly we dokma önümlerini taýýarlaýarlar. Türküstan nesilden-nesle geçirilip gelinýän aýdym-saz däpleri bilen hem bellidir.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistanda milli taryhy-medeni mirasy öwrenmek we aýawly saklamak boýunça möhüm işler durmuşa geçirilýär. Türkmen halky ösen sungaty, nusgawy ýörelgeleri, gaýtalanmajak medeni mirasy bilen dünýäde giňden tanalýar. Ýurdumyzda milli medeniýet ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, milli mirasyň gymmatlyklaryny öwrenmek we gorap saklamak, dünýä ýaýmak boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar.

Milli muzeý-goraghanasy bilen tanyşlygyň çäklerinde Gahryman Arkadagymyz we Prezident Kasym-Žomart Tokaýew, ilki bilen, Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähine bardylar. Aramgähiň içinde Türkmenistanyň we Gazagystanyň müftüleri Gurhandan aýat okadylar hem-de doga-dileg etdiler.

Soňra Gahryman Arkadagymyz hem-de dostlukly ýurduň döwlet Baştutany «Etnoaul» milli medeni toplumyna baryp gördüler. Bu ýerde türkmen halkynyň Milli Liderini hem-de Prezident Kasym-Žomart Tokaýewi gazak milli döredijilik topary mähirli garşylady. Toplumyň wekili gazak ak öýi, gazak halkynyň gadymy döwürlerde ulanan öý hojalyk esbaplary, haly önümleri we beýlekiler bilen tanyşdyrdy.

«Etnoaul» milli medeni toplumy bilen tanyşlykdan soňra, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz hem-de Prezident Kasym-Žomart Tokaýew «Turkistan Visit Centre» syýahatçylyk-maglumat merkezine ugradylar. Ýol ugrunda Milli Liderimiz hem-de dostlukly ýurduň döwlet Baştutany ýadygärlik surata düşdüler.

Syýahatçylyk-maglumat merkezinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Prezident Kasym-Žomart Tokaýew Türküstan şäheri barada wideoşekile tomaşa edip, taryhy eksponatlar bilen tanyşdylar.

Soňra Gahryman Arkadagymyz hem-de dostlukly ýurduň Prezidenti «Karavansaray Turkistan» syýahatçylyk toplumyna baryp gördüler.

Toplumdaky söwda-dynç alyş merkezlerinde dürli attraksionlar, şol sanda tomaşaçylary ertekiler dünýäsine gaýybana syýahata äkidýän 3D tehnologiýaly attraksionlar hereket edýär. Özboluşly binagärlik äheňinde ýerine ýetirilen söwda zolaklarynda dünýä belli brendleriň dükanlary ýerleşýär. Dürli konsepsiýaly myhmanhana, söwda zolaklary, guralýan medeni çäreler daşary ýurtly syýahatçylary özüne çekýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda hem syýahatçylyk pudagyny ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýändigini bellemek gerek. Hazaryň türkmen kenarynda döredilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy bu ugurda alnyp barylýan giň möçberli işleriň aýdyň netijesidir.

Hazret Sultan milli muzeý-goraghanasy bilen tanyşlykdan soňra, Gahryman Arkadagymyz hem-de Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew hemmeler bilen hoşlaşyp, bu ýerden ugradylar.

**«Mugallymlar gazeti».**

## BERKARAR WATANYMYZYŇ BEÝIK ÖSÜŞLERI

1 Döwür öňe tarap barýar, durmuş ösýär, özgerýär, täze sepgitlere eýe bolýar. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda gazanylýan beýik ösüşler buýsançly wakalar bolup kalba dolýar.

Milli ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmekde sanly ulgamyň ähmiýeti uludyr. Şonuň üçin hem bu ugurda bilimli hünärmenleriň üstünlikli işleri alyp barýandygyny belläsimiz gelýär. Häzirki zaman maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň iň täze gazananlaryna esaslanýan ösen ykdysadyýete goşant goşmakda bilimli ýaşlaryň, hünärmenleriň hyzmaty uludyr. Bu babatda ýokary okuw mekdeplerinde hem ýaşlara döwrebap bilimler öwredilýär. Bilimli, sanly ulgama oňat düşünýän ýaşlar bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti ösdürmekde möhüm ähmiýete eýedir. Ýurdumyzda elektron senagatynyň ösdürilmegi, innowasion, ýokary tehnologiýalara esaslanýan önümçilikleriň barha artmagy aň-bilimiň netijeli peýdalanylýandygyny beýan edýär. Şeýle hem bu ugurlardan ýörite bilimli hünärmenleriň taýýarlanmagy döwrebap mümkinçilikleri döredýär. Şundan ugur alyp, ýokary okuw mekdebimizde ýaşlaryň döwrebap bilimli bolmaklary üpjün edilýär. Häzirki ýaşlar diňe bir ykdysadyýetiň ösüşine düşünmek bilen çäklenmän, eýsem, tehnologiýalara, sanly ulgama hem oňat göz ýetirýärler. Bu bolsa milli ykdysadyýeti döwrebap ösdürmekde täze mümkinçilikleri döredýär.

**Allaberdi BERDIÝEW,**
**Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy.**

## HEMIŞELIK BITARAPLYK — PARAHATÇYLYGYŇ ŞUGLASY

1 Munuň özi Türkmenistanyň üç gezek hemişelik Bitaraplyk derejesiniň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan ykrar edilendigini görkezýän taryhy çözgüt bolmak bilen, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýadawsyz tagallalarynyň aýdyň beýanydyr.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan parahatçylygyň, abadançylygyň mekanydyr. Asuda ýurdumyzda gazanylýan üstünlikler bolsa, halkyň abadan durmuşy, bagtyýarlygy bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Şonuň üçin hem gazanylýan ösüşler, üstünlikler ajaýyp döwrümizi has-da dabaralandyrýar. Halkymyzyň parahatçylyk söýüjilik ýörelgesi, hemişelik Bitaraplygymyz dünýädäki abraýymyzy has-da pugtalandyrýar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen, ata-babalarymyzdan gelýän parahatçylyk söýüjilik, asudalyk ýörelgelerimiz mynasyp ösdürilýär. Türkmeniň ata-babalaryndan gelýän parahatçylygyny, asudalygyny, ynsanperwerligini dünýäde dabaralandyrýan şol ýörelgeler nesilden-nesle geçirilip dowam etdirilýär. Goý, halkymyzyň parahatçylyk söýüjilik ýörelgesi dowamat-dowam bolsun!

**Muhammetnazar NURNAZAROW,**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Harby lukmançylyk fakultetiniň dekany, lukmançylyk gullugynyň podpolkownigi.**

## DÜNÝÄ NUSGALYK ÝOLLAR




Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda eziz Diýarymyz bedew bady bilen öňe barýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz beýik ösüşlere eýe bolýar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň şanly wakalary, gelip gowuşýan hoş habarlar bu aýdylanlaryň aýdyň subutnamasydyr.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň dünýädäki abraýy barha artýar. Eziz Diýarymyzyň beýik ösüşleri, şanly wakalary mähriban halkymyzy has-da ruhlandyrýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda özara bähbitli we deňhukukly döwletara gatnaşyklary ösdürmek bilen bagly durmuşa geçirilýän beýik işler oňyn bitaraplyk syýasatynyň, parahatçylyk söýüjiligimiziň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Halkara hyzmatdaşlygyň çäklerinde meşhur köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen gatnaşyklar hem işjeňleşdirilýär.

Bilşimiz ýaly, dünýäniň millionlarça teletomaşaçysyny syýasy, ykdysady, medeni wakalar bilen dürli dillerde dessin tanyşdyrýan «Euronews» telekompaniýasynyň döredijilik topary ýurdumyzda saparda boldy we türkmen halkynyň Milli Lideri bu abraýly telekompaniýanyň habarçysynyň sowallaryna jogap berdi. Söhbetdeşligiň dowamynda Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny, dünýäniň gün tertibiniň üns merkezinde durýan suw, energetika meseleleri, ählumumy hem sebit hyzmatdaşlygy barada Türkmenistanyň garaýyşlaryny jikme-jik beýan etdi. Gahryman Arkadagymyz söhbetdeşligiň dowamynda taryh, syýasat, dost-doganlyk gatnaşyklary hem-de hemişelik Bitaraplyk we parahatçylyk söýüjilik hakyndaky çuň manyly pikirleri beýan etdi.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda geçirilýän halkara maslahatlar, dabaralar eziz Diýarymyzyň beýik ösüşdir özgerişlerini, gazanýan üstünliklerini dünýä aýan edýär. Munuň şeýledigine paýtagtymyzda geçirilen «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahaty, şeýle hem Arkadag şäherinde geçirilen «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahaty hem aýdyň şaýatlyk edýär.

Ýurdumyzy toplumlaýyn ösdürmäge gönükdirilen milli maksatnamalarda bellenilen wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlanmagyny şertlendirýär. Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda täze önümçilik desgasynyň — Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylmagy Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň şanly wakalarynyň üstüni ýetirdi. Dünýäniň öňdebaryjy tehnikalary we tehnologiýalary bilen üpjün edilen kärhanalaryň sanynyň ýylsaýyn artmagy ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny berkitmeklige, içerki bazarlarymyzda ilat üçin elýeterli bahadan harytlaryň bolçulygyny döretmäge mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyz durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýär we bu ugurda nusgalyk tagallalary edýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň dünýäde belent abraýa eýe bolmagy kalbymyzy buýsanja besleýär. Ýurdumyzda halkara derejede geçirilýän maslahatlaryň Ýer ýüzünde uly goldawa eýe bolmagy, şeýle hem geçirilýän halkara maslahatlardyr forumlara ençeme ýurtlaryň wekilleriniň gatnaşmagy mähriban halkymyzyň kalbynda ruhubelentlik duýgusyny döredýär.

Ynsanperwerlik, hoşniýetlilik, parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerimiz esasynda ýola goýulýan gatnaşyklar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe özüniň oňyn netijesini berýär. Dünýäde parahatçylyk söýüjilikli syýasaty dabaralandyrýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Annagül BALKANOWA,**
**Balkan welaýat ýörite sungat mekdebiniň mugallymy.**

## ASYLLY MAKSATLAR ROWAÇLANÝAR

1 Hormatly Prezidentimiz «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisiniň döwletleriň, halkara guramalaryň, ykdysady we maliýe institutlarynyň, işewürleriň arasynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga ýardam edýändigini, ykdysady, maýa goýum gatnaşyklary üçin netijeli ugurlary, öňdebaryjy ideýalary, tehnologik çözgütleri öňe sürýändigini belledi. Türkmenistan energiýa serişdelerini halkara bazarlara ibermek üçin iri taslamalary öňe sürýär. Hyzmatdaşlar bilen bilelikde möhüm ähmiýetli taslamalary amala aşyrmaga gatnaşýar. Türkmenistanyň sergisine gelýänler ýurdumyzyň senagaty, oba hojalygy, dokma, himiýa senagaty, syýahatçylyk pudaklarynda we beýleki ugurlarda ýeten sepgitleri bilen tanyşdylar.

Ýurdumyzyň ykdysady we tehniki kuwwatyny pugtalandyrmak, ylym-bilim ulgamyny hemmetaraplaýyn ösdürmek hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri. Ylmy-barlag institutlarynda, ýokary okuw mekdeplerinde, beýleki ugurdaş düzümlerde düýpli we amaly ylmy barlaglary geçirmek, olaryň gerimini giňeltmek üçin ähli zerur şertler döredilýär. Ylmyň, bilimiň, önümçiligiň özara arabaglanyşygyna, netijeli hyzmatdaşlygy berkitmäge uly üns berilýär. Pawilýonyň çäginde Türkmenistanyň bilim ulgamynyň gazanan üstünlikleri bilen tanyşdyrýan diwarlykda Gahryman Arkadagymyzyň jöwher zehininden dörän ajaýyp kitaplara hem giň orun berlipdir.

Bütindünýä gözden geçirilişde ýurdumyzyň milli pawilýony köp adamly boldy. Sungat we medeniýet ussatlarymyzyň çykyşlary hakyky toý şüweleňini döretdi.

Osakada geçirilen dabaralar Türkmenistanyň Ýaponiýa bilen netijeli hem-de dostlukly hyzmatdaşlygy barha işjeňleşdirýändiginiň aýdyň görkezijisine öwrüldi.

**Akbibi SARYÝEWA,**
**Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň öwreniji mugallymy.**

# YNSANPERWER ÝÖRELGELERE BELENT SARPA



*19-njy aprelde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa ýurdumyza sapar bilen gelen «Al-Arabiýa» teleýaýlymynyň esasy alypbaryjysy Rizwan Hanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýeti bilen duşuşdy. Duşuşykda myhmanlar gaznanyň alyp barýan işleri bilen giňişleýin tanyşdyryldy.*

Mälim bolşy ýaly, ýakynda Arkadag şäherinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 4 ýyllygy mynasybetli, gaznanyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti O.Atabaýewanyň ýolbaşçylyk etmeginde üstünlikli geçirilen «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahat dünýä jemgyýetçiliginde uly seslenme döretdi. Dürli hyzmatdaş ýurtlar we halkara guramalar bu ugurda özara gatnaşyklary ösdürmäge taýýardyklaryny beýan etdiler. Ine, şeýle maksat bilen, «Al-Arabiýa» teleýaýlymynyň wekilleri Arkadag şäherine gaznanyň işi barada ýakyndan tanyşmak üçin geldiler.

Jenap Rizwan Han dünýäde köpmillionly tomaşaçysy bolan «Al-Arabiýa» teleýaýlymynyň ýurdumyza gelen wekiliýetiniň agzalaryny mähirli we myhmansöýerlik bilen kabul edendigi üçin Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti O.Atabaýewa hoşallyk bildirdi.

O.Atabaýewa türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde Türkmenistanda üpjün edilen syýasy abadançylygyň, amala aşyrylýan oýlanyşykly ykdysady strategiýanyň ýurtda ähli ugurlar boýunça uly depginli ösüşleri gazanmaga, şol sanda hemaýat-goldawa mätäç çagalara hemmetaraplaýyn kömek bermäge giň mümkinçilikleri döredýändigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, myhmanlar gaznanyň alyp barýan işleri bilen ýakyndan tanyşmaga gyzyklanma bildirýändiklerini aýtdylar.

Bellenilişi ýaly, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy Gahryman Arkadagymyzyň ynsanperwer başlangyçlary esasynda 4 ýyl mundan ozal döredilip, Türkmenistanda hemaýata mätäç çagalaryň ykbalyna, bagtyýar geljeginiň üpjün edilmegine örän jogapkärli hem-de toplumlaýyn çemeleşilýändigini aýdyň ýüze çykardy. Döwletimiz bu çagalary üns merkezinde saklap, olaryň özüni türkmen jemgyýetiniň doly derejeli agzasy hökmünde duýmaklary üçin ähli mümkinçilikleri döredýär.

Myhman Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işleriniň uly sogaplydygyny aýratyn nygtamak bilen, onuň işine ýokary baha berdi. Munuň anyk mysaly hökmünde teleýaýlymyň işgärleri haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işleri bilen öz tomaşaçylaryny has giňden tanyşdyrmak üçin gaznanyň wise-prezidentinden interwýu bermegini haýyş etdiler. Duşuşykdan soňra, O.Atabaýewa myhmanlaryň haýyşyna kanagatlanma bilen seslenip, dünýäniň meşhur «Al-Arabiýa» teleýaýlymynyň esasy alypbaryjysy Rizwan Hanyň sowallaryna jogap berdi.

Meşhur teleýaýlymyň alypbaryjysy O.Atabaýewanyň beren interwýusynyň haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işleri bilen ýakyndan tanyşmaga ýardam berendigini belledi.

**«Mugallymlar gazeti».**

# KÖŇÜLLERI NURLANDYRÝAN GYMMATLY GOLLANMA

***Gahryman Arkadagymyzyň ajaýyp eserleri ynsan köňlüni nurlandyrýar, paýhas çyragy bilen uly üstünliklere ruhlandyrýar. Milli Liderimiziň «Hakyda göwheri» atly kitaby durmuş hakykatynyň çeper beýanydyr. Milli Liderimiz: «Türkmen halkynyň milli öwüşginlere baý gadymy mirasy sözüň doly manysynda bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr» diýip bellemek bilen, halkymyzyň taryhyny, milli medeni mirasyny, dilini öwrenmegiň we onuň üstüni ýetirmegiň ähmiýetini beýan edýär.***

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE**

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli gymmatlyklarymyzy, ata-babalarymyzdan gelýän mirasymyzy toplamak, neşir etmek, olary ylmy taýdan öwrenmek üçin ähli şertler döredilýär. Milli mirasymyza, däp-dessurlarymyza, dilimize sarpa goýulmagy hem-de olaryň ösdürilmegi, berkarar döwletimizde ylmyň milli terbiýe bilen utgaşykly alnyp barylýandygyna şaýatlyk edýär. Alym Arkadagymyzyň türkmen halkynyň şöhratly taryhyny we bilim baýlygyny beýan edýän «Hakyda göwheri» atly kitaby akyl-paýhasyň çeşmesidir, edep-ekramyň gözbaşydyr. Ol ynsan ahlagynyň kämilligini öz içine alýan hem-de bagtyýar zamanamyza mynasyp watansöýüji, ynsanperwer, ylymly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmegiň altyn açarydyr.

Häzirki zaman dil biliminde diliň fonetik, leksik, morfologik, sintaktik, stilistik aýratynlyklaryny öwrenmek boýunça köp sanly ylmy-derňew işleri ýerine ýetirilýär we olarda täze garaýyşlar öňe sürülýär. Sosiolingwistika — dil biliminiň bir bölümi bolup, dil bilen jemgyýetçilik durmuşyň arasyndaky baglanyşygyň sebäplerini, diliň sosial dialektlere bölünişini öwrenýär.

Ajaýyp eser dil baýlygymyzy çuňňur öwrenmäge täze mümkinçilikleri döredýär. Bu gymmatly eserde «nur» sözüniň Aý, Gün, çyrag, alaw kimin atlandyrylyşynyň diliň leksikasyndaky sosiolingwistik aýratynlyklaryny öwrenmekde, kämilleşdirmekde, söz baýlyklaryny ýüze çykarmakda ähmiýeti bardyr.

Adamyň pikirleniş örüsi giňände, onuň dili hem baýlaşmak bilen bolýar. Dil gürleýän adamlaryň aňynda emele gelýän pikirlenmesi bilen baglydyr. Adam dili öwrenýär. Dil sözleýişde öz beýanyny tapýar. Dili öwretmek we bilim bermek birnäçe maksatlary, ýörelgeleri, usullary özünde jemleýär. Dili öwrenmegiň esasy maksady şol dilde suwara gepläp bilmegi añlatman, eýsem, ýurduň taryhyny, medeniýetini hem-de ýaşaýyş-durmuşyny öwrenip, dünýäniň syryna aralaşmakdan ybaratdyr. Dili öwretmek ýaş nesilleriň dünýägaraýşyny giňeltmegi, başarnyklaryny we endiklerini ösdürmegi, terbiýeli adamlar bolup ýetişmeklerini göz öňünde tutýar. Pikiriňi daşa çykarmak, köp okamak, zehiniňi açmak üçin bolsa köp oýlanmak gerek. Alym Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitaby hem köp okap, öwrenip, ata-babalarymyzyň pähim-paýhasyny öwrenmekde we geljek nesillere dil üsti bilen geçirmekde taýsyz gollanma hasaplanýar.

Dil adamzat bilen bile döräp, taryhy döwürlerde kämilleşip gelýär. Taryhy waka hökmünde dil üznüksiz ösýän hadysadyr. Muny alym Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitabyndan şu mysalyň üsti bilen delillendirip bileris: «Oguzlar baradaky gadymy hekaýatlar ata-babalarymyzyň geçmişde gadam tozlary galan mekanlarda obama-oba aýlanypdyr. Oguzuň nesilleri baradaky gadymy söhbetler onuň nesilleriniň at-owazasyny jahana mälim edipdir. Olar edebi-çeper galyba salnyp, il içinde agyzdan agza, bir nusgadan beýleki bir nusga geçip, asyrlaryň hökmüne ýan bermän, ýaşamagyny dowam etdiripdir». Bu ajaýyp kitapda şeýle setirler bar: «Oguznamalar» belli bir syntgylanan nusga gelýänçä, ol ogzuň gadymy rowaýatlarynda, çeper sözli ussatlaryň dilinde ýaşapdyr». Şeýlelikde, dil adamlaryň arasynda ykdysady-medeni durmuşda zerur bolan gatnaşyklary beýan etmekde möhüm guraldyr.

Her bir halkyň baý medeni, ylmy, taryhy ösüşi ýazuw ýadygärlikleriniň üsti bilen nesilden-nesle geçýär, öwrenilýär we ösdürilýär. Türkmen dili gadymy ýazuwly dillere degişli bolup, taryhy ösüş ýolunda piktografik, ideografik we fonografik döwürlerde kämilleşip, paleografik, epigrafik, grafik we mozaika görnüşinde asyrlardan aşyp, gymmatyny ýitirmän, biziň günlerimize gelip ýetipdir. Alym Arkadagymyz «Hakyda göwheri» atly kitabynda: «Çünki taryhyň öz dili, many örki, beýan edilişi, öňe sürýän garaýyşlary bolýar. Taryh bir sözde ýatdyr. Ýada ýazylan ýazgylardyr» diýip belleýär.

Taryhymyza, milli dilimize, mirasymyza degişli gymmatlyklary toplamak, gorap saklamakda, öwrenmekde hem-de wagyz etmekde giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Altyn ROZYÝEWA,**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň mugallymy.**

# Mekdep okuwçylarynyň halkara olimpiadasy

***Ýurdumyzyň dünýäniň bilim giňişligine işjeň goşulyşmagy ugrunda alnyp barylýan işleriň çäginde abraýly halkara we sebit guramalary bilen hyzmatdaşlyk barha pugtalanýar. Munuň özi milli bilim ulgamynyň döwrebap ösdürilýändiginiň bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilýändigini aýdyň beýanyna öwrüldi. Çagalar bagyndan başlap, ýokary okuw mekdeplerine çenli bilim işi milli ýörelgelere, öňdebaryjy tejribelere hem-de halkara ülňülere laýyklykda kämilleşdirilip, bilimiň üznüksizligi we onuň ähli derejeleriniň yzygiderliligi üpjün edilýär. Ata Watanymyzda umumybilim berýän orta mekdeplerde bilim alýan okuwçylaryň halkara derejesinde gazanýan üstünlikleri, medallary ýylsaýyn artýar. Şeýle halkara derejesindäki bäsleşikler ýurdumyzda hem ýokary guramaçylykly geçirilýär. Ýakynda mekdep okuwçylarynyň II halkara matematika olimpiadasy Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 131-nji orta mekdebinde badalga aldy. Bäsleşik mekdep okuwçylarynyň ukyplaryny we zehinlerini ýüze çykarmak we ösdürmek, şeýle hem hünär saýlamaga kömek etmek maksadyndan ugur alýar.***



Eziz Diýarymyzda geçirilýän mekdep okuwçylarynyň II halkara matematika olimpiadasyna ýurdumyzyň orta mekdepleriniň zehinli okuwçylary bilen bir hatarda, dünýäniň dürli döwletlerinden ýaşlar gatnaşýar.



Munuň özi daşary ýurtlaryň abraýly okuw mekdepleridir bilim berýän merkezleri, edaralary bilen hyzmatdaşlygy has-da berkitmäge, ýurdumyzda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmäge, ýaş zehinleri ýüze çykarmaga, ýaşlaryň dünýägaraýşyny giňeltmäge, ylmy maglumatlary özleşdirmäge, şeýle hem özara pikir we tejribe alyşmaga ýakyndan ýardam berýär. Röwşen geljegimiziň eýeleri bolan bagtyýar ýaşlaryň geçirilýän şeýle bäsleşiklere gatnaşyp, üstünlikli çykyş etmegi biziň her birimizi guwandyrýar, buýsandyrýar.

Halkara olimpiada gatnaşmaga gelen daşary ýurtly mekdep okuwçylaryny we olaryň topar ýolbaşçylaryny türkmen halkynyň gadymdan gelýän myhmansöýerlik däplerinde garşylamak, zehinli çagalaryň arasynda dost-doganlygy, agzybirligi berkitmek, ýurdumyzyň hem-de daşary döwletleriň ylym-bilim ulgamyndaky täze gazanan üstünliklerini paýlaşmak maksady bilen, dürli medeni çäreler giňişleýin ýaýbaňlandyryldy. Mekdep okuwçylarynyň II halkara matematika olimpiadasynyň açylyş dabarasynda «Bagtyýarlyk aýdymy» atly aýdym-sazly çeper çykyşlar belentden ýaňlandy. Mekdep okuwçylarynyň dürli ýyllarda halkara bäsleşiklerde gazanan üstünlikleri, döredijilikli taslama işleri, çagalar çeperçilik mekdepleriniň okuwçylarynyň çeken şekillendiriş sungatyna degişli eserleri, şeýle-de milli senetçilik we el işlerinden guralan sergi dabara aýratyn öwüşgin berdi. Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynyň «Mukam» çagalar toparynyň skripkaçylarynyň ýerine ýetiren saz eserleri dabara gatnaşyjylaryň ruhuny has belende göterdi.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda geçirilýän mekdep okuwçylarynyň II halkara matematika olimpiadasy zehinleri ýüze çykarmakda, ýaşlaryň dünýägaraýşyny giňeltmekde, pikir alyşmakda ähmiýetli bolup, bilim ulgamynda öňde goýlan maksada ýetmäge-de giň mümkinçilik berýär. Bu bolsa Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda milli bilim ulgamynyň innowasion esaslarda, dünýäniň ösen döwletleriniň derejesinde täze basgançaklara çykarylýandygyny alamatlandyrýar. Şonuň üçin hem döredilýän giň mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanyp, uly höwes bilen okamak, öwrenmek, döretmek, berkarar Watanymyzyň şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak bagtyýar ýaşlaryň mukaddes borjudyr. Milli bilim ulgamynyň yzygiderli kämilleşdirilmegi, ýaşlaryň döwrebap bilim almagy we terbiýelenmegi ugrunda ähli mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, il-ýurt bähbitli beýik işleri mundan beýläk-de rowaçlyklara beslensin!

**Gülsoltan ANNAGULYÝEWA,**
**«Mugallymlar gazeti».**

# HOŞNIÝETLI HYZMATDAŞLYGYŇ AÝDYŇ BEÝANY

Bu dabarada Sukuba uniwersitetiniň prezidentiniň türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem bu uniwersitetiň hormatly doktorydygyny, giň gerimli döwlet işi bilen bir hatarda, ylmy-barlag işlerine-de hemişe uly üns berýändigini buýsanç bilen bellemegi çuňňur many-mazmuna eýedir. Munuň özi alym Arkadagymyzyň döwletli başlangyjy bilen ýola goýlan türkmeniň ylym mekdebine bolan belent sarpasyna aýdyň şaýatlyk etdi.

Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty bilen Ýaponiýanyň Sukuba uniwersitetiniň arasynda ylym-bilim babatda özara hyzmatdaşlyk oňat netijeleri berýär.

Hormatly Prezidentimiziň Ýaponiýa amala aşyran saparynyň çäklerinde dostlukly halklaryň bähbidine gönükdirilen ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

Bize ýaşlarymyzyň bilim we ylym mümkinçiliklerini giňeltmäge, olarda ösen we giň dünýägaraýşy kemala getirmäge, dünýä dillerini suwara öwretmäge uly mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tüýs ýürekden buýsanjymyzy beýan edýäris. Halkara hyzmatdaşlyk üçin giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, türkmen-ýapon hyzmatdaşlygymyzda ýola goýlan gatnaşyklar rowaçlyklara beslensin!

**Gurbangül MYRADOWA,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň kafedra müdiri, filologiýa ylymlarynyň kandidaty.**

**Aprel aýynyň soňky ýekşenbesi — Türkmen bedewiniň milli baýramy**

# Behişdi bedewlere buýsanç

***Asyrlaryň dowamynda bedewler ynsanyň iň ýakyn hemrasy bolupdyr, toý-baýramyň bezegi hökmünde görlüpdir. Pähimdar ata-babalarymyz tebigat bilen sazlaşykly ýaşamagyň, bedew atlary seýislemegiň hem-de ajaýyp atlary ýetişdirmegiň nusgasyny döredipdirler. Gahryman Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly ajaýyp kitaplaryny okanymyzda bedewler hakynda baý taryhy maglumatlary öwrenýäris. Bu ajaýyp kitaplar ýaş nesillerimizde milli gymmatlyklarymyza, behişdi bedewlerimize bolan söýgini döretmekde örän ähmiýetlidir.***

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

eserlerinde bedewiň belent waspyny aňlatmak bilen, ahalteke atlaryna bolan buýsanjy hem beýan edýär.

Behişdi bedewleriň waspy halk döredijilik eserlerinde däl, eýsem, nusgawy şahyrlarymyzyň döredijiliginde hem giňden beýan edilipdir. Magtymguly Pyragynyň, Mätäjiniň, Keminäniň, Mollanepesiň, Magrupynyň, Şabendäniň we beýleki nusgawy şahyrlarymyzyň, akyldarlarymyzyň eserlerinde bedewe bolan buýsanjy görmek bolýar. Bu bolsa halk döredijilik eserlerinde hem, nusgawy edebiýatda hem milli gymmatlyklaryň wasp edilendigini aýdyň beýan edýär. Şeýle hem halk döredijilik eserleri we edebiýat terbiýe çeşmesidir. Şonuň üçin hem ýaş nesilleriň terbiýesinde milli gymmatlyklary sarpalamak, asyl-



Pederlerimiziň döreden gymmatlyklarynyň nusgasy bolan ahalteke bedewleri hakynda baý taryhy maglumatlary öwrenmek we ýaş nesillere düşündirmek mugallymlary, bilim işgärleriniň hem asylly ýörelgesi bolup durýar. Halkymyzyň bedewlere bolan söýgüsini nakyllarda, atalar sözlerinde hem görmek bolýar. Halkymyzda «Batyr aty bilen batyr, at batyry bilen at», «Guş — ganaty bilen, ýigit — aty bilen», «Är ýigidiň göwnünde eýerlenen at durar», «Ýigit göre-göre batyr, at çapa-çapa ýüwrük» ýaly ajaýyp nakyllar bar. Halkymyzyň döreden çuňňur manyly edebi eserlerinde hem bedew atyň gözelligi, wepadarlygy öz beýanyny tapypdyr. Türkmen halkynyň edebi mirasy bolan «Görogly» şadessanynda şeýle setirler bar:

**Gökde guşlar uçabilmez,**
**Maral ara açabilmez,**
**Çölde jeren gaçabilmez,**
**Gyratym girse meýdana.**

Şu setirlerden hem görnüşi ýaly, bedew atlar ýyndamlygy bilen tapawutlanypdyr. Şonuň üçin hem Görogly beg Gyratyň waspyny ýetirip, nama bilen, ajaýyp sözler bilen sarpalapdyr. Bu bolsa halk döredijilik ly ýörelgeleri dowam etmek terbiýäni has-da berkidýär. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy:

**At gazanar goç ýigidiň,**
**Owwal bedew aty gerek —**

diýip ýazypdyr.

Nusgawy edebiýatymyzyň görnükli wekili Magrupynyň «Bedew» atly goşgusynda şeýle beýan edilýär:

**Kakdyryp nalyn kümüşden,**
**Iýmiti dürli iýmişden,**
**Ýüwrüşi artykdyr guşdan,**
**Bahar öwsen batdyr bedew.**

Gahryman Arkadagymyz «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitabynda: «Ahalteke bedewleri bilen ýakynlyk, bu adamzadyň taryhy tejribesiniň bitewülikde, bir gymmatlykda şöhlelendirilmegidir» diýip belleýär. Hemişe parahatçylygyň, agzybirligiň, ýagşylygyň tarapdary bolan ata-babalarymyz kämilligiň ýokary derejesine ýetirilen behişdi bedewleri nesillere miras goýupdyrlar.

Maral AMANOWA,
Türkmenistanyň
Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň uly mugallymy,
fizika-matematika ylymlarynyň kandidaty.

# TÜRKMENIŇ uçar ganaty

Diýarymyzyň älemgoşar öwüşginlere beslenýän lälereýhan ýaýlalarynyň owadan ýelleri kimin ýyndam ahalteke bedewlerimiz türkmen halkynyň dünýä merdanalyga, gahrymançylyga beslenen türkmen halkynyň şan-şöhratly geçmişiniň jümmüşine aralaşanyňda, türkmen bedewiniň aýak sesleriniň, buýnuz toýnaklarynyň dükürdisi eşidilýär. Halkymyzyň milli ýaşaýyş medeniýetinde uly orun eýeleýän bedewler gaýduwsyz türkmen ýigitleriniň ýakyn syrdaşy hasaplanmak bilen, ýürekleriň buýsanjyna, köňülleriň senasyna öwrülipdir. Ahalteke bedewleri özüniň owadanlygy, gylyk-häsiýetliligi, düşbüligi bilen tanalypdyr. Halkymyz mukaddeslik derejesine ýetiren bedewlerini altyn-kümüş esbaplar bilen bezäp-besläpdir. Toýlaryň ýaraşygy bolan çapuw atlaryna nepis bezeg-şaýlarymyzyň esasynda uýan, alagaýyş, göwüsbent ýaly bezegleri ýasapdyrlar. Ata-babalarymyzyň bu ýörelgesi häzirki döwürde zergärçilik sungatynda giňden dowam etdirilýär.

Türkmeniň batyr ýigitleri bilen bedew atyň arasyndaky dostluk, wepadarlyk gatnaşyklary barada ajaýyp nusgawy eserlerimizde-de giňden şöhlelendirilýär. Şol eserlerde atyň ynsan bilen dostlugy, öz eýelerine wepadarlyk gatnaşyklary örän täsirli we çeperçilikli beýan edilýär. Nakyllardyr atalar sözlerinde bedew bilen bagly paýhasly pikirleriň we jümleleriň köplügi halkymyzyň bedew atyna goýýan belent sarpasynyň nyşandyr. «At agynan ýerde toý bolar», «At dosty — ata dosty», «At basyşyndan belli, är – bakyşyndan» ýaly ençeme nakyllary döreden halkymyz özüniň ýaşaýyş-durmuşyny atsyz göz öňüne getirip bilmändir. Türkmeniň uçar ganaty hasaplanýan bedewleriň tarypyny serkerde şahyr Seýitnazar Seýdi:

**Münende şaý bolsa tükel esbaby,**
**Tagty Süleýmandyr üsti bedewiň —**

diýip wasp edipdir. Nusgawy edebiýatymyzyň görnükli wekilleri Keminäniň, Mätäjiniň, Zeliliniň, Mollanepesiň şygyrlarynda bedew waspy öz ornuny giňden tapypdyr. Türkmen bedewiniň waspy şirwan perdelerde-de belentden-belent ýaňlanýar.

Myrat ULUGOW,
Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.

# HALKYMYZYŇ GÖZ-GUWANJY

***Halkymyzyň döreden gymmatlyklarynyň naýbaşy nusgasyna deňelýän türkmen bedewleriniň taryhy kökleri müňýyllyklara uzaýar. Şan-şöhratly taryhymyz barada oýlananyňda, ilkinji nobatda, türkmen bedewine atlanan merdana gerçekleriň keşbi göz öňünde janlanýar.***



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli buýsanjymyza öwrülen bedewleriň mertebesi barha beýgelýär. Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli dabaralaryň giň gerim bilen bellenilmegi hem bu hakykaty äşgär edýär.

At ähli döwürlerde türkmeniň durmuşynda aýratyn ähmiýete eýe bolupdyr. Behişdi barlyga deňelen bedewler irki döwürlerden bäri mert ýigitleriň wepaly dosty hökmünde görkezen gahrymançylygy bilen-de sarpalanypdyr. Munuň özi bedew atlaryň halk döredijiliginiň eserleriniň ençemesiniň ähmiýetli gahrymanyna öwrülmegine sebäp bolupdyr. «Görogly» şadessanynda, rowaýatlardyr ertekileriň ençemesinde baş gahrymanyň ýoldaşy, syrdaşy hökmünde atyň saýlanyp alynmagy ýöne ýere däl. Halkymyz gündelik durmuşda bolşy ýaly, çeper edebiýatda-da atyň keşbi arkaly gahrymançylygy, arzuwumtlaryny geljekki nesillere miras goýýandygyny inçelik bilen beýan etmegi başarypdyr.

Ahalteke bedewine bolan hormat, söýgi halkymyzyň döreden maddy we ruhy gymmatlyklarynda aýdyň beýanyny tapýar. Altaý dagynyň Pazyryk depesinden tapylan gadymy halyda, Nusaýdan tapylan ritonlarda we başga-da ençeme taryhy tapyndylarda türkmen bedewiniň keşbiniň duş gelmegi bu wepaly jandaryň merdana halkymyz üçin gadymy döwürlerden bäri iň ýakyn dosta, durmuş hemrasyna deňelendigini tassyklaýar.

Sülgün REJEPOWA,
S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.

# KITAP — RUHY HAZYNA

***«Kitap — bilimleriň çeşmesi» diýen düşünje biziň kalbymyza çagalykdan guýuldy. Ol, hakykatdan hem, şeýle. Ilkinji gezek mekdep gapysyndan ätlän körpe balalar bilimler dünýäsiniň ilkinji basgançaklaryndan ädimläp başlaýarlar. Harplyk döwri başlanýar. Olar bu döwürde özlerine gyzykly bolan harplary öwrenip, ol harplaryň birikmeginde sözüň emele gelýändigine göz ýetirýärler. Şeýde-şeýde harplar oňat özleşdirilenden soňra, sözleriň düzüminden sözlemiň emele gelýändigine düşünýärler, köp sözlemlerden düzülen teksti hem okamagy öwrenýärler.***

Ylym-bilim kitap arkaly öwrenilýär. Kitap okamak bilen diňe bilimiň artdyrylman, eýsem, dünýägaraýşyň giňeýär, düşünjäň artýar. Pederlerimiziň «Köp okan — köp biler» diýen gyzyla gaplaýmaly sözi bize şu günlerimizde-de ýakyndan ýardamçy bolýar. Kitaplar orta mekdeplerde bilim alýan ýaş nesle ders öwredýän bolsa, ýokary okuw mekdeplerinde hünär öwrenýän ýaşlarymyza ylymlar dünýäsine gapyny açýar.

Häzirki döwürde ýaşlarymyz okajak kitaplaryny internet ulgamynyň üsti bilen hem tapyp, peýdalanyp bilýärler. Arzuwlaryň hasyl bolýan zamanasynda kitaplary, hususan-da, çeper edebi kitaplary köp okap, ýakyn dost tutunmagyň peýdasy uludyr. Kitap okamak bilen durmuşa, ýaşaýşa bolan garaýyşyň düýpgöter özgerýär. Eşretli ertirimiz bolan ýaşlarda kitaba bolan sarpany, hormaty ösdürmek babatda ýurdumyzyň bilim ojaklarynda ýazyjydyr şahyrlar bilen duşuşyklar guralýar, çeper okaýyş bäsleşikleri yzygiderli geçirilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen Türkmenistan ata Watanymyz ähli babatda uly ösüşlerde özgerişlere eýe bolýar. Ylaýta-da, şu günki türkmen ýaşlarynyň bilim ulgamynda halkara derejede geçirilýän ylym-bilim bäsleşiklerine gatnaşyp, gazanýan üstünlikleri biz — bilim işgärleriniň buýsanjyny, guwanjyny artdyrýar.

Gunça HOJAGELDIÝEWA,
Aşgabat şäherindäki Atamyrat Nyýazow adyndaky zehinli ýaşlar mekdebiniň müdiri.

# MILLI TERBIÝÄNIŇ ÄHMIÝETI

***Şöhratly taryhymyza buýsanýan halkymyz ýaşlaryň milli terbiýesine uly üns berýär. Şonuň üçin hem halk döredijilik eserlerinde, nakyllarda terbiýe we watansöýüjilik hakynda ençeme öwüt-ündewler edilýär. Häzirki ajaýyp döwrümizde nakyllarda ündelýän milli terbiýäniň ähmiýeti çuňňur öwrenilýär. Bu bolsa durmuşymyzy ýagtylyp, nesilleriň kämil bolup ýetişmegine oňat täsir edýär.***

Terbiýe düşünjesi örän giňdir, çuňňur manylydyr. Şunda «Watana söýgi», «il-ýurduňa söýgi», «ene topraga söýgi», «bilime bolan söýgi» diýen köp ugurlara bölünýär. Terbiýe — maşgaladaky we jemgyýetdäki gatnaşyklaryň özeni. Ylym we bilim eziz Diýarymyzy ösdürmegiň ileri tutulýan esasy ugurlarynyň biridir. Ata Watanymyzyň abraý-mertebesiniň belentliklere göterilýän häzirki döwründe täze sepgitleriň, beýik ösüşleriň, ilkinji nobatda, bilimli, ylymly nesliň güýji, zehin baýlygy bilen gazanylýandygy geljekki ösüşleriň kepilidir.

Ata-babalarymyz ýaşlara ylym-bilim terbiýesini bermek ugrunda asylly ýörelgäni miras goýupdyrlar. Ýaş nesle bilim öwretmek maşgaladan gözbaş alypdyr. Bu babatda çagalykda kitap okap bermäge, kitaba bolan sarpany kemala getirmäge möhüm ugurlaryň biri hökmünde seredilipdir. Kitap okamak endigini kemala getiren çaga bilimiň ilkinji gapysyndan ätleýär. Şonuň üçin hem «Kitap okamaýan görýänini görer, kitap okaýan dünýäni görer» diýýän halkymyz çagalarynyň köp okamagy hakynda alada edipdir. Bu bolsa ylym-bilimli nesli kemala getirmäge aýdyň ýollary kesgitläpdir. Häzirki wagtda hem bu asylly ýörelgeler üstünlikli ösdürilýär. Ýaşlarymyzyň ýokary derejede bilim almagyna, saýlan hünäriniň eýesi bolmagyna ýardam bermek ýurdumyzda alnyp barylýan ähli özgertmeleriň özenini düzýär.

Gültäç SAPARDURDYÝEWA,
Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň kitaphanasynyň I derejeli kitaphanaçysy.

*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti ýokary okuw mekdebine okuwa girmäge isleg bildirýän ýaşlary «AÇYK GAPYLAR» gününe çagyrýar*

«Açyk gapylar» güni 2025-nji ýylyň 2-nji maýynda Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň baş binasynda ýerleşýän mejlisler zalynda sagat 15:00-da başlanýar. Şol gün ýaşlar ýokary okuw mekdebimiz bilen ýakyndan tanyşdyrylar, olara uniwersitete girmek üçin gerekli resminamalar, okuw mekdebimizde taýýarlanýan hünärler, alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik, ylmy, bejeriş hem-de medeni-köpçülik işleri barada giňişleýin maglumat berler.

*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň salgysy:*
*Aşgabat şäheriniň*
*Arçabil şaýolunyň 18-nji jaýy.*
*Habarlaşmak üçin telefonlar:*
*48-98-51, 48-98-52.*

*Türkmen döwlet maliýe instituty 2025-nji ýylyň 26-njy aprelinde we 10-njy maýynda sagat 15:00-da 2025 — 2026-njy okuw ýylynda okuwa girmäge isleg bildirýän orta mekdeplerdäki uçurymlary, harby bölümleriň esgerleri, edara-kärhanalarda işleýän ýaşlary «AÇYK GAPYLAR» gününe çagyrýar*

«Açyk gapylar» gününde ýaşlar hormatly Prezidentimiziň ylym-bilim ulgamyny ösdürmek baradaky özgertmeleriniň durmuşa geçirilişi, institutyň gurluş düzümi, institutda bakalawrlary we magistrleri taýýarlamagyň ugurlary, okuwlaryň guralyşy, medeni-köpçülik we sport çäreleriniň geçirilişi, institutyň ösüş taryhy barada maglumat berýän muzeý, talyplaryň okuw we ýaşaýyş şertleri bilen tanyşyp bilerler.

*Biziň salgymyz: Aşgabat şäheriniň 1987-nji köçesiniň (Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow şaýoly), 112-nji jaýy.*
*Telefon belgilerimiz:*
*49-88-52, 49-07-92, 49-63-09.*

**Abuna — 2025**

**HORMATLY OKYJYLAR!**

*«Mugallymlar gazeti» gazetiniň elektron görnüşine «turkmenmetbugat.gov.tm» internet sahypasynda hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysynda «Merkezi gazet-žurnallar we welaýat gazetleri» bukjasyndan ýazylyp bilersiňiz.*

**Elektron görnüşine ýazylmak üçin telefon belgimiz: 39-96-40.**



XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.



TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-116177

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.